# Saudlar Sanada

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Saudlar Sanada SAUDLAR SANADA




*Hem eýranlylar, hem husiler, hem-de saudlar kösençlik çekdi we ahyrynda hemmeler öň teklip edilen çözgüdi – meseläniň içerki syýasy gatnaşyk arkaly çözülmegini we Saud Arabystana garşy gönükdirilen hüjümleriň togtadylmagyny kabul etdi. Sana şäherinde toparlaryň özara duşuşyklary geçirildi / Fotosurat: Twitter*

Üç aý mundan öň Ýemende Eýrandan husilere gözegçiligindäki porta ugradylan 5 müň ýarag, 1,5 milliondan gowrak ok-däri serişdesi, 7 müň raketa bileşeni alyp barýan gämi saklanypdy.

Bu ýük uruşy maliýeleşdirýän we 8 ýyl 7 aýa golaý wagt dowam etmegine getiren düzümlerçe, belki-de ýüzlerçesinden biridi.

Uruş iki tarap üçinem güzaply we ezýetli boldy. Sana howa menzili we Hudeýde porty ýapyldy. Gonjak her bir uçaryň ilki koalisýon güýçlerden rugsat almalydy, porta golaýlaşjak her bir gäminiň ilki barlanmalydy.

Husiler we olaryň gözegçiligi astyndaky sebitler uly kynçylyklary başdan geçirdi. Munuň üstüne uruş zerarly ýerinden-ýurdundan jyda düşürilen ýa-da Ýemeniň içinde ýa daşynda güzeranyny dolajak bolup ýaşaýan ýerini taşlap gaýdan millionlarça ýemenliniň kösençlikleri-de goşuldy.

Uruşýan taraplar çaknyşygy bes etmäge we ýaraşyga gol çekmäge gönükdiren bir wagtyň özünde berýän beýanatlary we ýygy-ýygydan geçirilen ýygnanşyklar arkaly urşuň gutarmagyň we

parahat durmuşa dolanyp barmagyñ şertlerini jikme-jik öwrenýärdi.
Ahyrsoñy muña kim ynandyranam bolsa, Saud Arabystanynyñ delegasiýasy husileriñ gözegçiligi astyndaky Sanada peýda boldy. Munuñ özi iki tarapyñam ýaraşyga çynlakaý garaýandygyny görkezen möhüm üýtgeşme boldy.
Çaltlanan we bary-ýogy bir gün öñünden habary berilen taryhy üýtgeşmäniñ añyrsynda şek-şübhesiz Saud Arabystanynyñ, Hytaýyñ hemaýatkärliginde Eýran bilen baglaşylan ylalaşyk ýatyr.
Ylalaşyk Riýad bilen Tähranyñ arasynda uzak wagtlap dowam eden dartgynlylygyñ soñlanmagyny-da öz içine alýar we munuñ Ýemende bolşy ýaly beýleki sebit ýurtlarynda-da netije bermegine garaşylýar.
Ylalaşyk netijesinde hoşniýetlilik artyp barýar. Ýemen urşy we parahatçylyk hoşniýetli gepleşikleriñ iñ esasy meseleleriniñ biri bolup durýar.
Urşuñ ýetiren zyýany dürli problemalaryñ döremegine getirdi, bularyñ başyny şular çekýär: ýurduñ içinde ýaşaýan ýerinden jyda düşürilen millionlarça adamyñ we daşary ýurtlara çykan bosgunlaryñ dolanyp gelmegi, bigünä ýerli ýaşaýjylaryñ we ötegçileriñ ölümine sebäp bolýan ýüz müñlerçe minanyñ arassalanmagy, on ýyla golaý wagt okuwa berilen arakesmäniñ yzyndan okuwçylaryñ mekdeplere gatnap başlamagy, saglygy goraýyş hyzmatlarynyñ güýje girizilmegi we uruşdan zyýan çeken sebitleriñ reabilitasiýasy.
Urşuñ bes edilmegi kimiñ ýeñendigi we kimiñ ýeñilendigi hakdaky samsyklaç çekişmäniñ öñüni alyp bilmez, ýöne uruşlaryñ hiç mahalam ýeñijisi bolmaýar.
Şertler çaknyşygy mejburylyga öwürdi we muña eliñe gül alyp garşylyk bermek mümkin däl. Hem eýranlylar, hem husiler, hem-de saudlar kösençlik çekdi we ahyrynda hemmeler öñ teklip edilen çözgüdi – meseläniñ içerki syýasy gatnaşyk arkaly çözülmegini we Saud Arabystana garşy gönükdirilen hüjümleriñ togtadylmagyny kabul etdi.
Eýranyñ özi haosyñ howplaryndan çetde däldigini we bähbidiniñ sebitara durnuklylygy sabotaž etmekde däl-de, kepillik astyna almak üçin tagalla etmekde ýatandygyna düşündi.

Çaknyşýan taraplar şuña göz ýetirenlerinde parahatçylykly çözgüde gelmek kyn däl.
Düzümleriñ gepleşikler tapgyry geçirildi, halkara we sebitleýin wekiller gezekli-gezegine degişli paýtagtlarda resmi saparda boldular. Ylalaşyklar baglaşyldy we hemmesi hemmeler tarapyndan arzuwlanan parahatçylygyñ iñ bärki sepgidine ýetmek bilen soñlandy.
Häzir hoşniýetli bolmaga çagyrýan birnäçe yşarat bar, çünki Ýemende parahatçylyk hakdaky çagyryşa hereketleriñ, harby operasiýalaryñ togtadylmagy, güýçleriñ yza çekilmegi we iki tarapyñam bendileri boşatmagy ýaly oñyn üýtgeşmeler dowam edýär.
Munuñ özi dünýäniñ iñ möhüm nokadynda parahatçylygy ýola goýmagyñ başlangyjydyr. Howpsuzlygyñ üpjün edilmegi, parahatçylygyñ höküm sürmegi, Ýemen tragediýasynyñ soñlanmagy we howp-hataryñ azalmagy hemmeleriñ bähbidinedir.

Abdyrahman RAŞID,
«Şarku’l Avsat» gazetiniñ öñki baş redaktory, «El- Arabiyye» ýaýlymynyñ öñki müdiri.
@aalrashed

Çarşenbe, 12.04.2023 ý. Publisistika